Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 24-nji ýanwaryndaky 10-iş belgili
**B U Ý R U G Y**

**Durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň Düzgünini tassyklamak hakynda**

2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen "Durmuş hyzmatlary hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 9-njy maddasynyň 5-nji bendiniň "d" kiçi bendiniň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň Düzgünini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2023-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda çykaran 10-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy

**Durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň Düzgüni**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň Düzgüni (mundan beýläk – Düzgün) 2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Durmuş hyzmatlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň 5-nji bendiniň “d” kiçi bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler (mundan beýläk – Üpjün edijiler) tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň düzgünini kesgitleýär.

2. Şu Düzgünleriň kadalary eýeçiliginiň görnüşine garamazdan durmuş hyzmatlary babatynda iş alyp barýan ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen adalgalar we düşünjeler ulanylýar.

4. Üpjün edijiler öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň kodekslerine, Türkmenistanyň kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna we şu Düzgüne goldanýarlar.

5. Şular Türkmenistanda Üpjün edijiler bolup durýarlar:

1) Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň (mundan beýläk – Ygtyýarly edara) garamagyndaky durmuş taýdan hyzmat edýän edaralary;

2) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň garamagyndaky durmuş taýdan hyzmat edýän edaralary;

3) Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň garamagyndaky durmuş taýdan hyzmat edýän edaralary;

4) Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň garamagyndaky düzüm birlikleri;

5) ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki merkezi edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň garamagyndaky durmuş taýdan hyzmat edýän edaralary;

6) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda durmuş hyzmatlary bilen üpjün ediji hökmünde ygtyýarlandyrylan, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ýuridik şahslar we hususy telekeçiler.

6. Üpjün edijiler durmuş hyzmatlaryny 2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen "Durmuş hyzmatlary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasynda bellenilen ýörelgelere laýyklykda guraýarlar.

7. Üpjün edijiler kyn durmuş ýagdaýyna düşen adamlara kynçylyklary ýeňip geçmek we olaryň öz durmuşyna edýän ýaramaz täsirini aradan aýyrmak, kömek we goldaw bermek maksady bilen, olary durmuş taýdan ugrukdyrýarlar.

8. Döwlet we döwlete degişli däl Üpjün edijiler tarapyndan edilýän durmuş hyzmatlarynyň hili Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen Durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri üçin hil standartlary, olaryň hil standartlaryny ulanmak boýunça usuly görkezmeleriniň talaplaryna laýyk gelmelidir.

9. Üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramak Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2022-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda 1649 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2022-nji ýylyň ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 71-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibine (mundan beýläk - Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibi) laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

## II bap. Üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň düzgünleri

10. Üpjün edijiler kyn durmuş ýagdaýyna düşen we durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamlaryň ýa-da kanuny wekiliniň ýüz tutmagynyň esasynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň tertibine laýyklykda durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilende, hemişelik ýaşaýan ýerine garamazdan durmuş hyzmatlaryny edýärler.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenen tertipde durmuş hyzmatlaryny nobatsyz peýdalanmaga hukuklary bolan adamlara Üpjün edijiler tarapyndan durmuş hyzmatlaryny etmegi nobatsyz amala aşyrýarlar.

11. Üpjün edijiler durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy (mundan beýläk – Peýdalanyjy) bilen Durmuş hyzmatynyň edilmegi barada şertnama (mundan beýläk – Şertnama) baglaşmazdan öň, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibine laýyklykda durmuş hyzmatlaryny etmegiň düzgünleri bilen tanyşdyrýarlar.

Durmuş hyzmatlaryny etmegiň düzgünleri kyn durmuş ýagdaýyna düşen we durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamyň islegine görä dilden, ýazmaça ýa-da sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly elektron görnüşinde tanyşdyrylýar.

12. Üpjün edijiler Peýdalanyjy bilen Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibine laýyklykda, Şertnama baglaşmak arkaly Aýratyn meýilnama esasynda durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guraýarlar.

13. Üpjün edijiler tarapyndan Peýdalanyjylara öýde (ýaşaýan ýerinde), şeýle hem durmuş taýdan hyzmat edýän edaralarda ýarym ýatymlaýyn we ýatymlaýyn formada amala aşyrylyp bilner.

Peýdalanyjynyň islegi boýunça durmuş hyzmatlarynyň formalary hemişelik we wagtlaýyn esasda amala aşyrylyp bilner.

14. Aýratyn meýilnama düzülende Peýdalanyjynyň gatnaşmagy hökmanydyr we Peýdalanyjy durmuş hyzmatlarynyň edilmegi bilen bagly öz pikirlerini beýan etmäge hukuklydyr.

15. Üpjün ediji bilen Peýdalanyjynyň ýa-da onuň kanuny wekili bilen durmuş hyzmatlaryny etmek barada baglaşylan Şertnama esasynda, Aýratyn meýilnama düzülenden soň (gyssagly durmuş hyzmatlaryndan başga) haýal etmän durmuş hyzmatlary edilip başlanmaly.

16. Aýratyn ýagdaýlarda, terbiýäni we idegi ösdürmek, maşgala durmuş goldawyny bermek maksady bilen, kämillik ýaşyna ýetmedik Peýdalanyja ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň (hossaryň ýa-da howandaryň) razylygy esasynda olara ýöriteleşdirilen edaralaryň hyzmatlaryndan peýdalanmak mümkinçiligini guraýarlar.

17. Üpjün edijiler ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralaryndan, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralaryndan we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan durmuş hyzmatlaryny guramak boýunça zerur maglumatlary alyşmak, edilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek üçin utgaşykly hyzmatdaşlyk aragatnaşygyny alyp barýarlar.

18. Üpjün edijiler tarapyndan Durmuş hyzmatlary çygrynda alnyp barylýan işler barada maglumatlar ýöredilýär.

19. Durmuş hyzmatlarynyň edilmeginiň hili, olary etmek boýunça standartlary saklamak, Peýdalanyjy ýa-da onuň kanuny wekili tarapyndan edilen ýüztutmalara garamak, işgärleriň işine gözegçilik etmek we olar boýunça çözgütleri kabul etmek Üpjün edijiler tarapyndan amala aşyrylýar.

20. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde wezipeli adamlaryň, durmuş işgärleriniň, şeýle hem durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijileriň hereketlerine (hereketsizligine) Peýdalanyjy ýa-da onuň kanuny wekili tarapyndan şikaýat etmäge hukugy bardyr.

## III bap. Edilýän durmuş hyzmatlarynyň töleginiň şertleri

21. Üpjün edijiler Peýdalanyjylara hödürleýän durmuş hyzmatlaryny tölegli, tölegsiz ýa-da bölekleýin tölegli esasda edip bilerler.

Durmuş hyzmatlary üçin tölegleriň (tölegli ýa-da bölekleýin tölegli) möçberlerine gaýtadan seredilip bilner, ýöne ol ýylyň dowamynda bir gezekden köp bolup bilmez.

22. Döwlete degişli üpjün edijiler tölegli ýa-da bölekleýin tölegli durmuş hyzmatlaryny Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen döwlet nyrhlary boýunça hem-de döwlete degişli däl üpjün edijiler bolsa özbaşdak bellän nyrhlary ýa-da tarifleri boýunça ýerine ýetirýärler.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

23. Şu Düzgüniň kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

24. Şu Düzgünler bilen düzgünleşdirilmedik beýleki gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 16-njy fewralynda 1688 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.